# BILIM

2023
5

YLMY-USULY ŽURNAL

ESASLANDYRYJYSY – TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI



Bahar Hojagulyýewa

# ÝUNESKO-nyň BÜTINDÜNÝÄ MEDENI MIRASYNYŇ SANAWYNA GIRIZILEN TARYHY ÝADYGÄRLIKLERIŇ ÖWRENILIŞI

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzda türkmen halkynyň gadymy we baý medeni mirasyny hemmetaraplaýyn, ylmy esasda öwrenmek we dünýä ýaýmak ugrunda köp işler durmuşa geçirilýär. Türkmenistanyň taryhy ýadygärliklerini geljekki nesiller üçin aýawly saklamak wezipesi bu işleriň özenini düzýär. BMG-niň Bilim, ylym we medeniýet meseleleri boýunça guramasy (ÝUNESKO) bilen hyzmatdaşlygyna uly ähmiýet berilýär.

ÝUNESKO bilim, ylym we medeniýet ulgamlarynda ýurtlaryň we halklaryň arasyndaky hyzmatdaşlygy giňeltmegi, parahatçylygy we howpsuzlygy üpjün etmegi maksat edinýär. Bu gurama medeni ýadygärlikleriň goralyp saklanylmagy ulgamyndaky halkara hereketlerinde möhüm orny eýeleýär. 1994-nji ýylda Türkmenistan ÝUNESKO-nyň "Bütindünýä medeni we tebigy mirasyny goramak baradaky" Konwensiýasyna goşuldy. Häzirki döwürde Türkmenistanyň çäginde taryhy we medeni ähmiýetli 1400-den gowrak ýadygärlik ýüze çykaryldy we hasaba alyndy. Olardan Gadymy Merw, Köneürgenç ýadygärlikler toplumy, Nusaýyň Parfiýa galalary ÝUNESKO-nyň Bütindünýä medeni mirasynyň sanawyna girizildi [1]. Bu taryhy ýadygärlikleriň öwrenilişi uly gyzyklanma döredýän meseleleriň biridir. Şu jähetden, Nusaý galalary uzak wagtyň dowamynda alymlaryň üns merkezinde saklanýar.

Taryhdan belli bolşy ýaly, Nusaý şäheri b.e.öňki III asyrda häzirki Günorta Türkmenistanyň ýerlerinde dörän, antik dünýäde uly yz galdyran Parfiýa döwletiniň ilkinji paýtagtydyr. Eýýamlaryň ikisiniň sepgidinde Parfiýa şalygy syýasy, ykdysady we medeni taýdan ýokary derejede ösüpdir. Parfiýa döwletini dolandyran Mitridat I ýurduň çägini giňeldipdir. Şeýlelikde, Parfiýa uly şadöwlete öwrülýär [18, 100 s.]. Bu döwlet uzak ýyllaryň dowamynda Mesopotamiýadan Hindistana çenli ägirt uly giňişlikde syýasy täsirini ýetiripdir. Döwletiň ykdysadyýetiniň esasyny oba hojalygy eýeläpdir. Küýzegärlik hem ösüpdir. Iri söwda we senetçilik merkezleriniň biri bolan Nusaý toplumy şäherleriň ikisinden ybarat bolupdyr. Hususan-da, günorta – gündogarda Köne Nusaý, demirgazyk – günbatarda bolsa Täze Nusaý ýerleşipdir. Bu şäher b.e. XVII – XVIII asyrlaryna çenli ýaşaýşyny dowam etdiripdir [12, 1 s.].

XIX asyryň ahyrynda – XX asyryň başlarynda gadymy Nusaýyň taryhynyň öwrenilişi belli rus gündogarşynaslary W.A.Žukowskiniň, W.W.Bartoldyň, A.A.Semýonowyň, şeýle hem şol döwürde döredilen Gündogaryň arheologiýasyny we taryhyny öwrenijileriň – Zakaspi gurnagynyň agzalarynyň geçiren gazuw-agtaryş işleri bilen ysnyşykly baglanyşyklydyr. Sank-Peterburg uniwersitetiniň professory W.A.Žukowskiý 1896-njy ýylda Zakaspi oblastyna bolan iş saparynyň dowamynda Nusaýda ylmy barlaglary geçirýär. Alymyň bu iş sapary barada maglumatlar taryhy edebiýatlarda örän seýrek duş gelýär. Meselä degişli gysgaça bellikler W.W.Bartoldyň, S.Ýerşowyň we beýleki alymlaryň işlerinde getirilýär [10; 11]. 1896-njy ýylda W.A.Žukowskiý tarapyndan alnyp barlan barlaglar barada maglumatlaryň birnäçesi Türkmenistanyň Merkezi döwlet arhiwinde saklanylýar. Şol ýylyň tomus aýlarynda alym maşgalasy bilen Türkmenistanyň günorta ýerlerine gelýär [2, 3 l.]. Sankt-Peterburgly professor Nusaýda, Mänede, Duşakda, Kakada, Änewde gazuw-agtaryş işlerini alyp barýar [2, 4 - 7 l.]. W.A.Žukowskiý ýerine ýetiren barlaglary baradaky hasabatyny Imperatorçylyk arheologik toparynyň mejlisinde beýan edýär.

Belli rus alymy, Moskwanyň Lazarýew adyndaky Gündogar dilleri institutynyň uçurymy A.A.Semýonow Türkmenistanyň arheologik ýadygärliklerini seljermek we olary gorap saklamak ugrunda anyk işleri durmuşa geçirýär. Onuň ylmy barlaglary Gündogaryň taryhyny we arheologiýasyny öwrenijileriň Zakaspi gurnagynyň alyp baran işleri bilen baglanyşyklydyr. Geçen asyryň başynda gurnagyň agzalary tarapyndan Günorta Türkmenistanyň taryhy ýadygärlikleriniň ençemesi, şol sanda, Nusaýyň ymaratlary öwrenilýär.

1904–1905-nji ýyllarda A.A.Semýonow Köne Nusaýda we Täze Nusaýda arheologik barlaglary geçirýär. Olaryň netijesi boýunça birnäçe ylmy makala ýazýar.

XX asyryň 20-nji ýyllarynda A.A.Semýonowyň taryhy ýadygärlikleri öwrenmek boýunça ylmy barlaglary dowam etdirilýär. 1926-njy ýylda ol A.E.Şmidt bilen bilelikde arheologik topara ýolbaşçylyk edýär. Nusaýda, Änewde, Merwde geçirilen gazuw-agtaryş işleriniň netijesinde bu ýerdäki taryhy ýadygärlikler barada baý maglumatlar toplanýar.

Görnükli arheolog A.A.Maruşşenko 1930-njy ýyldan Günorta Türkmenistanyň gadymy ýadygärliklerini öwrenmek boýunça yzygiderli işleri alyp barýar [8, 1 l.; 4, 33l.]. Bu babatda Moskwanyň we Leningradyň (häzirki Sankt-Peterburg) muzeýleri bilen hyzmatdaşlyk ýola goýulýar [7, 1-8 l.]. Meşhur arheolog döwlet Ermitažynda, şeýle-de, Moskwadaky Gündogar medeniýetleri muzeýinde Parfiýanyň patyşalyk derejesine eýe bolandygy barada birnäçe gezek ylmy nutuklary bilen çykyş edýär. 1935-nji ýylda amala aşyrylan gazuw-agtaryş işleriniň esasynda Türkmenistanyň arheologik kartasy düzülýär [3, 163 l.]. Bu bolsa türkmen ülkesiniň gadymy taryhy ýadygärliklerini hasaba almak we seljermek üçin möhüm ädimleriň biri boldy.

Geçen asyryň 30-njy ýyllarynda belli alym Mihail Masson Nusaýyň taryhy bilen gyzyklanyp başlaýar. Onuň bu ugurdaky ylmy barlaglary uzak wagtyň dowamynda Günorta Türkmenistan arheologik toplumlaýyn ekspedisiýasynyň (GTATE) geçiren gazuw-agtaryş işleri bilen baglanyşykly bolýar. Umuman, Nusaýyň taryhyny düýpli öwrenmekde GTATE-niň bitiren hyzmatlary uludyr.

Günorta Türkmenistan arheologik toplumlaýyn ekspedisiýasynyň döredilmegi baradaky karar 1945-nji ýylyň fewral aýynda kabul edilýär. Ekspedisiýanyň maksady Günorta Türkmenistanyň çäklerindäki paleolit zamanyndan, tä giçki orta asyrlara çenli aralykda dörän maddy-medeni ýadygärlikleriň ähli görnüşlerini öwrenmekden hem-de şol döwürdäki adamzadyň ösüş taryhyna degişli arheologik maglumatlary toplamakdan ybarat boldy [14, 201-202 s.]. XX asyryň 40-njy ýyllarynyň ikinji ýarymynda professor M.Ý.Massonyň ýolbaşçylygynda geçirilen gazuw-agtaryş işleriniň barşynda gadymy Nusaýyň, Merw ýadygärlikleriniň taryhyna degişli ençeme ähmiýetli tapyndylaryň üsti açylýar [15, 6 s.]. GTATE tarapyndan 30 ýylyň dowamynda amala aşyrylan ylmy barlaglaryň netijesinde Türkmenistanyň çäklerinde dörän gadymy siwilizasiýalaryň taryhy dünýä mälim bolýar. Geçirilen derňewleriň esasynda GTATE-niň maglumatlarynyň 18 tomlugy çap edilýär.

1946-njy ýyldan başlap, Günorta Türkmenistan arheologik toplumlaýyn ekspedisiýasynyň agzalarynyň gazuw-agtaryş barlaglary Köne Nusaý galasynda yzygiderli alnyp barylýar. Türkmen we rus alymlarynyň gatnaşmaklarynda Nusaýda geçirilen arheologik işler taryhy ähmiýete eýe boldy. Netijede, gadymy Parfiýa döwletiniň antik dünýäde möhüm orny bellenildi, onuň medeniýetiniň taryhyna täze sahypalar girizildi. Mälim bolşy ýaly, Günorta Türkmenistanyň çäginde ellin medeniýeti bilen ýerli medeniýetiň goşulyşmagy netijesinde özboluşly Parfiýa medeniýeti döreýär. Bu medeniýetiň iň gyzykly bölegi amaly-haşam sungatydyr. Küýzegärleriň we zergärleriň nepis önümleriniň, hudaýlaryň örän gözel heýkelleriniň, köşk esbaplarynyň bölekleriniň arasynda şah şekilli ritonlara aýratyn orun berlipdir. Bu ajaýyp sungat önümleri hyýaly jandarlar: ganatly adam öküziň, ganatly adam atyň (kentawryň), ganatly şiriň (grifonyň) ýolbars kelleli şekilleri bilen bezelipdir. Pil süňkünden ýonulyp ýasalan, her dürli güberçekli nagyşlar bilen örtülen ritonlar antik we Gündogar däpleriniň goşulyşmasynyň beýanydyr.

1948-nji ýylyň 25-nji sentýabrynda Köne Nusaýda ritonlaryň otagynyň üsti açylýar [17, 28 s.]. Ritonlar Russiýanyň Ylymlar akademiýasynyň Maddy medeniýetiň taryhy institutynyň alymy A.W.Kirýanow tarapyndan işlenilen "gaty gips blogy" usuly bilen gazylyp alyndy [17, 39 s.]. Bu usula laýyklykda, ritonlaryň bölekleri BF- 4 spirt ergini bilen berkidilýär we suwda ezilen ýumşak kagyz bilen örtülýär. Soňra olaryň üsti galyňlygy *1,5 sm* bolan gips bilen çekilýär. Şeýlelikde, özboluşly "gaty gips blogy" emele gelip, ritonlary başga ýere alyp gitmek üçin mümkinçilikler döredilýär. Gadymy Nusaýyň ritonlaryny Moskwanyň, Leningradyň (häzirki Sankt-Peterburg), Daşkendiň ylmy merkezlerinde dikeltmek işleri geçirilýär.

Dikeldiş çärelerini amala aşyrmakda GTATE-niň ýolbaşçysy M.Ý.Massonyň hyzmatlary uludyr [6, 52 l.]. Netijede, Köne Nusaý galasyndan tapylan 50-ä golaý riton dikeldilýär we ylmy jemgyýetçilige mälim edilýär. Nusaý ritonlary baradaky takyk beýanlar we olaryň şekilleriniň suratlary GTATE-niň ýygyndylarynyň IV tomunda, şeýle hem, M.Ý.Massonyň we G.A.Pugaçenkowanyň "Nusaýyň Parfiýa ritonlary" atly kitabynda ýerleşdirilýär [13; 17].

Dünýäde meşhurlyk gazanan Nusaý ritonlary Parfiýa şalygynyň taryhyny öwrenmekde möhüm ylmy çeşme hökmünde kabul edilendir. Bu babatda dürli güberçekli şekilleri bilen bezelen ritonlaryň frizleri (ýokarky bölegi) uly gyzyklanma döredýär. Ýokary çeperçilik ussatlygy bilen ýasalan frizlerde döwrüniň däp-dessurlary we durmuş sahnalary öz beýanyny tapýar. GTATE-niň arheologik barlaglary XX asyryň 80-nji ýyllaryna çenli dowam etdi.

Günorta Türkmenistanyň ýadygärliklerini öwrenmekde türkmen alymlarynyň bitiren hyzmatlary uludyr. A.Gubaýew, K.Gurbansähedow, Ö.Gündogdyýew ýaly türkmen arheologlary Gadymy Nusaýyň taryhynyň täze sahypalarynyň açylmagyna saldamly goşant goşdular. Olaryň geçiren ylmy barlaglarynyň netijesinde Günorta Türkmenistanyň medeni-taryhy ýadygärlikleri barada ençeme ylmy işler ýazyldy. Bu işler arheologiýa ylmynda ähmiýetli orna eýedir.

XX asyryň ahyrynda – XXI asyryň başlarynda Köne we Täze Nusaý galalarynda, türkmen hünärmenleri bilen bilelikde, russiýaly we italiýaly alymlaryň gatnaşmaklarynda gazuw-agtaryş işleri netijeli alnyp barylýar. Russiýanyň Ylymlar akademiýasynyň Arheologiýa institutynyň esasy ylmy işgäri, taryh ylymlarynyň doktory W.N.Pilipkonyň ýolbaşçylygynda Türkmenistanyň we Russiýa Federasiýasynyň hünärmenleriniň geçiren barlaglarynyň netijelerinde b.e. öňki III – I asyrlarda Nusaýda joşgunly ýaşaýşyň bolandygy barada habar berilýär. Şäherde köşk ybadathanalary, myhmanhanalar, inedördül otaglar hem-de patyşanyň genji-hazynasy saklanýan jaýlar bolupdyr.

Russiýaly alym gadymy Nusaýyň ymaratlarynyň ilkibaşdaky görnüşini dikeltmek üçin köp işleri amala aşyrdy. W.N.Pilipko tarapyndan 30 ýyldan bäri bu taryhy ýadygärlikleri öwrenmek boýunça geçirilen gazuw-agtaryş işleriniň netijesinde ýazylan ençeme ylmy işler yzygiderli çap edilýär [16]. Ýazylan kitaplar Parfiýa döwletiniň antik dünýäsinde möhüm orna eýe bolandygyndan habar berýär. 2013-nji ýylyň 5-nji oktýabrynda ýurdumyzyň şöhratly taryhyny, baý medeni mirasyny öwrenmekde hem-de häzirki döwürde milli medeniýetimizi ösdürmekde bitiren aýratyn hyzmatlary, ylmy barlaglary, Türkmenistanyň çäklerinde köp ýyllaryň dowamynda eden arheologik açyşlary we türkmen medeniýetiniň gadymylygyny dünýä ýaýmaga goşan uly goşantlary üçin W.N.Pilipko Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Halkara baýragyna mynasyp bolýar [9].

XX asyryň 90-njy ýyllarynda Italiýanyň Turin şäheriniň Arheologiýa gazuw-barlaglary merkezi Türkmenistanyň taryhyna we gadymy binagärligine uly gyzyklanma bildirýär. 1991-nji ýylda bu ýerde professor A.Inwernissi ylmy işleri geçirýär. 1999-njy ýyldan başlap türkmen-italýan ekspedisiýasyna arheologiýa ylymlarynyň doktory, Magtymguly adyndaky Halkara baýragynyň eýesi Karlo Lippolis ýolbaşçylyk edýär. Türkmen we italýan arheologlary Köne Nusaý galasynyň birnäçe ymaratlaryny jikme-jik öwrenýärler. Şunuň bilen birlikde, meşhur Nusaý ritonlary, mermerden we toýun palçykdan ýasalan heýkelleri dikeltmek we resmileşdirmek boýunça ylmy barlaglar alnyp barylýar [19]. Häzirki döwürde ekspedisiýanyň agzalary Köne Nusaýyň günbatar künjegindäki iri hojalyk gurluşlar toplumynda gözleg işlerini dowam etdirýärler.

Şeýlelikde, makalada getirilen maglumatlaryň esasynda käbir netijelere gelmek bolar. 2007-nji ýylda ÝUNESKO-nyň Bütindünýä medeni mirasynyň sanawyna girizilen Nusaýyň Parfiýa galalary uzak wagtyň dowamynda alymlaryň ünsüni özüne çekýär.

Başda belläp geçişimiz ýaly, bu ýerde W.A.Žukowskiý, W.W.Bartold, A.A.Semýonow ýaly belli rus gündogarşynaslary Parfiýa döwletiniň paýtagty bolan Nusaýda ylmy-barlag işlerini geçirýärler. Nusaýyň taryhyny öwrenmekde Günorta Türkmenistan arheologik toplumlaýyn ekspedisiýasynyň bitiren hyzmatlaryny aýratyn bellemek gerek. Barlaglaryň netijesinde Parfiýa döwletiniň antik dünýäsinde möhüm orny eýeländigi subut edilýär. XXI asyryň başlarynda K.Lippolisiň,

W.N.Pilipkonyň ýolbaşçylygyndaky türkmen-italýan we türkmen-rus ekspedisiýalary Nusaýyň galalarynda gazuw-agtaryş işlerini alyp barýarlar. Dünýäniň dürli ýurtlaryndan bolan alymlaryň yhlasly işi özüniň oňyn netijelerini berýär. Köne we Täze Nusaýda geçirilen gazuw-agtaryş barlaglarynyň dowamynda arheologlar tarapyndan ýüze çykarylan tapyndylar gadymy taryhyň köp syrlarynyň üstüni açmaga ýardam edýär.

Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň
Halkara gatnaşyklary instituty

Kabul edilen wagty
2023-nji ýylyň 3-nji iýuly

## EDEBIÝAT

1. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 8-nji tom. – Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2015.
2. TMDA, g.1, ýaz. 2, iş 839.
3. TMDA, g. 2, ýaz. 12, iş 128.
4. TMDA, g. 2, ýaz. 12, iş 132.
5. TMDA, g. 2, ýaz. 12, iş 253.
6. TMDA, g. 2, ýaz. 12, iş 288.
7. TMDA, g. 67, ýaz. 2, iş 24.
8. TMDA, g. 67, ýaz. 2, iş 89.
9. Türkmenistan. – 2013. – 9 okt.
10. *Бартольд В.В.* История изучения Востока в Европе и России. – Санкт-Петербург, 1911.
11. *Ершов С.* От случая к плану // Туркменоведение. – 1931. – № 1–2.
12. *Массон В.М.* Старая Ниса – резиденция парфянских царей. – Ленинград: «Наука», 1985.
13. *Массон М.Е., Пугаченкова Г.А.* Парфянские ритоны Нисы. Альбом иллюстраций. – Москва: Изд-во АН СССР, 1956.
14. Материалы Южно-Туркменистанской археологической комплексной экспедиции. Вып.1. – Ашхабад: Изд-во Туркменского филиала АН СССР, 1949.
15. Перечень опубликованных работ и материалов по тематике Южно-Туркменистанской археологической комплексной экспедиции к XXV летию её деятельности 1946 – 1970 гг. – Ашхабад: Изд-во АН ТССР, 1970.
16. *Пилипко В.Н.* Старая Ниса. Основные итоги археологического изучения в советский период. – Москва: «Наука», 2001.
17. Труды Южно-Туркменистанской археологической комплексной экспедиции. Т.4. – Ашхабад: Изд-во АН ТССР, 1959.
18. *Юсупов Х.* Страницы истории Туркменистана. – Москва: «Ориент-Пресс», 1997.
19. *Lippolis C.* Old Nisa.The Turkmen-Italian archaeological project // Historical and cultural sites of Turkmenistan. – Ashkhabad, 2011.

**B. HOJAKULIYEVA**

### THE STUDY OF HISTORICAL MONUMENTS INCLUDED IN THE UNESCO WORLD CULTURAL HERITAGE LIST

In the era of the Revival of the New Era of the Powerful State, much attention is paid to the protection and study of monuments of the cultural heritage of the Turkmen people. In this regard, cooperation between Turkmenistan and UNESCO plays an important role. The study of the fortresses of Nisa, included in the UNESCO World Cultural Heritage List in 2007, is of great scientific interest. Nisa was in the center of attention of well-known Russian orientalists. A significant contribution to the study of this historical monument was made by the South Turkmenistan Archaeological Complex Expedition (SUTAKE). During the years of Independence, the Turkmen-Italian and Turkmen-Russian archaeological expeditions have successfully been working on the ruins of ancient Nisa.

**Б. ХОДЖАКУЛИЕВА**

### ИЗУЧЕНИЕ ИСТОРИЧЕСКИХ ПАМЯТНИКОВ, ВНЕСЕННЫХ В СПИСОК ВСЕМИРНОГО КУЛЬТУРНОГО НАСЛЕДИЯ ЮНЕСКО

В эру Возрождения новой эпохи могущественного государства уделяется большое внимание охране и изучению памятников культурного наследия туркменского народа. В этой связи большую роль играет сотрудничество Туркменистана с ЮНЕСКО. Изучение крепостей Нисы, внесенных в 2007 году в список Всемирного культурного наследия ЮНЕСКО, представляет собой огромный научный интерес. Ниса находилась в центре внимания известных российских ученых. Весомый вклад в исследование исторического памятника внесла ЮТАКЭ. В годы Независимости на развалинах древней Нисы успешно работают туркмено-итальянская и туркмено-российская археологические экспедиции.